# Salýeriniñ şowsuzlygy

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Salýeriniñ şowsuzlygy ANTONIO SALÝERINIÑ ŞOWSUZLYGY

1750-nji ýylda Italiýanyň Legnano şäherinde doglan we soň-soňlar Wenada köşk kompozitory bolup işlände uly üstünliklere ýeten Antonio Salýeri ömrüniň ahyryna çenli jemi kyrk bäş sany operany döredipdir. Diňe şundanam onuň nähili ussat kompozitor bolandygyny bilse bolýar. Emma betbagt Salýeriniň ady ýüzlerçe ýyldan bäri hemişe ýigrenç bilen ýatlanýar we ol özi ýaly bir kompozitoryň ganyna galmakda aýyplanýar. Megerem, Salýeriniň iň uly şowsuzlygy Mosart ýaly genial kompozitor bilen döwürdeş bolmagy bolsa gerek. Salýerä ýöňkelýän etmişleriň aňyrsynda onuň Mosart bilen özara basdaşlygy ýatyr. Adamlar iki ýüz ýyldan gowrak wagtyň dowamynda Mosartyň otuz bäş ýaşynda tarpa-taýyn ölmegine Salýerini günäkär saýýarlar we Mosarty onuň zäherländigine ynanýarlar. Bu çaklamalar näderejede dogry ýa ýalňyş, ony bilmek mümkin däl, ýöne hernäme-de bolsa men elmydama Salýeriniň bu babatda bigünädigine ynanyp geldim. Netijede onuň Mosartyň gandarydygy baradaky pikirler doly subut edilmedik gep-gürrüňlerdir çaklamalara esaslanýar. Emma asly çehoslowakiýaly amerikan kinorežissýory Miloş Formanyň 1984-nji ýylda surata düşüren “Amadeý” çeper filmi, şeýle-de rus kompozitory Nikolaý Rimskiý-Korsakowyň döreden “Mosart we Salýeri” operasy onuň Mosartyň gandarydygy baradaky myş-myşlary ebedileşdirdi. Bu bolsa adamlaryň aňynda biçäre Salýeriniň ýigrenji ganhor hökmünde şekillenmegine sebäp boldy. Ine, hut şonuň üçinem iki ýüz ýyldan gowrak wagt bäri saz dünýäsiniň iň ýaramaz şan-şöhratyna eýe bolan kompozitor Salýeriniň döreden ajaýyp saz eserleri däl-de, Mosart bilen özara gatnaşyklary we onuň ölümindäki oýnan roly dillerden düşmän gelýär.

Edil şumat italýan opera aýdymçysy Çeçiliýa Bartoliniň ýerine ýetirmeginde Salýeriniň saz eserlerini diňläp otyryn. Içimden bolsa “Ah, Salýeri, Salýeri! Käşgä Mosart bilen bir döwürde,

bir şäherde ýaşamak ýaly şowsuzlyga uçramadyk bolsadyň…” diýenimi duýman galýaryn. Onuň mende hemişe gynanç döredip gelen ömrüni we döredijiligini saz sungatyna bagyşlan kompozitor hökmünde Mosart ýaly deňsiz-taýsyz geniniň kölegesinde galmagyň gynanjy bilen ýaşamaga mejbur bolandygyny pikir edýärin. Eger ol Mosart bilen bir döwürde ýaşamadyk bolsady, häzir adamlar Salýeri baradaky gep-gürrüňlere däl-de, onuň döredip giden ajaýyp saz eserlerine gulak gererdiler we onuň sungatyna hormat bilen baş egerdiler. Elbetde, häzirem onuň eserlerini meniň kimin halap diňleýänler az däldir welin, şonda-da Salýeri ýaly ajaýyp kompozitoryň ýigrenç bilen ýatlanmazlygyny göwnüň isleýär.
Meň özüm-ä, Salýeriniň günäsizdigine ynanýaryn we ony diňe kompozitorlyk tarapy bilen ýatlamagy dogry hasaplaýaryn. Aklymda bolsa “Amadeý” kinofilminde Salýerä aýtdyrylan “Eý Hudaýjan! Nämüçin men däl-de, ol girdenek? Nämüçin hudaýjan?” diýen sözleri ýaňlanýar.

Özlem ERTAN. Edebi makalalar